# «Ne işiň bar Nohurda…» / reportaž

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Ne işiň bar Nohurda…" / reportaž “NE IŞIŇ BAR NOHURDA…”



Toýa gitdiň diýdiler. Toýdan geldiň diýdiler. Iýen-içeniň özüňki, halat-serpaýam seňki, ýöne bize gürrüň ber, ýol söküp, daglar aşyp, nohurlyň toýuna duşup, aýt göreli, nähili lezzet aldyň diýdiler.
Toý diýeniň, toý bolýar. Uly “döwletiň başy” ilkinji ogluň toýumy ýa-da “Wolga” bahaly “satlyk gyzyň” toýumy, syrylan baş toýumy, otuz iki diş toýumy, elli-altmyş ýa-da ýüz, tegelek ýaş toýumy – bulaň barysy hezil, toý diýeniň toý bolýar. Ýadasam, ýorulsam-da, toý ýolunda bolaýyn. Şu gün geýenje köwşüm, toý ýolunda ýyrtylsyn. Gonorarymyň baryna, aýlygymyň hem ýaryna täze köwüş alaýyn. Ynanyň, ömür-baky toýa gideýin, toýdan geleýin, toýçy bolaýyn…
Nesip etdi bu gün hem, ynha toýa barýaryn. Bloknotym elimde, fotoapparat boýnumda, etek alty, ýeň ýedi, ökjäm ýere degenok, diýseň gaty ýörýärin. Ýolaýyrtda sataşdy ine bir kärdeş ýigit:
– Ýeri, haw, dost, ýol bol-a? Nirä haýdap barýarsyň?
– Komsomol toý bolýarmyş, men-ä Nohura barýan, aýt, niçik görýärsiň?!
Dostum az salym dymdy. Gözlerini ýylpyldatdy. Kiçijik murtuny elledi. Häsiýetine belet, ol her haçan şeýdende duzlajagy bellidi. Edil aýdyşym ýaly, ilki kineli güldi. Soňra ýüzüme bakyp, bar diýeni şu boldy:
“Ne işiň bar Nohurda?..”
Ol rowaýat aýtjakdy, gadym wagtda ýaşan düýe ogrusy barada.

Ýöne men aýtdyrmadym. Rowaýat kime derkar, şeýle dara-direde. Onsoňam köne rowaýat, ile belli rowaýat, indi ol kime gerek. Belki, ol bir mahallar rowaç bolanam bolsa, indi bize derkar däl, ol rowaýat biderek.
Dostum gitdi ýoluna, menem gitdim ýoluma…
Gitdim kötel ýollardan. Aşdym ençe daglardan. Uzaldyp oturmaýyn, ahyr Nohura bardym.. Şol gürrüňi edilýän köne Nohura derek, ajap bir toý toýlaýan juwan Nohury gördüm. Uçmanyň bölejigine müň kerem salam aýdyp, (bu toýuň haýrany men) özüme sorag berdim: “Nohurda komsomol toý?..” Hany aýt, diňleýjim, “Nohurda komsomol toý” diýip, ozal eşidipmidiň heý?
“Bu gün meniň toýum bar,
toýuma bar, toýuma!”




*Täze çatynjalar Oguljeren Ataýewa bilen Annasähet Meňliýew*
Nohurlylar toý tutýar.
Nohur aýdym aýdýar.
Ýaşlar aýdym aýdýar. Bu ses barha batlanyp, şatlanyp, ganatlanyp, al-howada pel-pelläp, daga degip gaýdýar, daşlar aýdym aýdýar. Garawuldaky aýdymy garry Nohur diňleýär. “Bu ne geň waka?” diýip, dag maraly geňleýär.
Ynha otyr ak mekdep, uzyn koridory bar. Hatar-hatar stollar üstünde şampan, şerap… çüýşeleriň bary bar. Otyr törde ýylgyryp, birleşen iki juwan. “Annasähet Meňliýew, Oguljeren Ataýewa” — bu atlar gaýtalanýar, tost aýdylýar yzly-yza. Biri ýigide degýär, ikisi bolsa gyza. Biri gutlaýar olary “Durmuşyňyz elmydam sapaly bolsun” diýip. Ikinjisi gutlaýar “Annasähet Jerene, Jerenem Annasähede wepaly bolsun” diýip. El çarpyşyk, gülüşik, toý gyzdykça bat alýar, komsomollar toýuna täze myhmanlar gelýär.
Ýaş juwanyň öňünde uly aýna goýdular. “Muny sowgat getirdik,

her gün ýüzüňiz görüň. Bu ýöne bir aýna däl, bu bir jadyly aýna. Dünýäniň ýüzi ýaly, siziň göwnüňiz ýaly, bu iňňän dury aýna…”



*E.Kakalyýewa täze çatynjalara nika şahadatnamasyny gowşurýar*

Sowgatlar, sowgatlar… Gara, gök ýüň ýaglyklar üsti-üstüne düşüp dur. Emzijek, ýorgan-düşek… haýsy birin sanajak, küde bolup üýşüp dur.

“Men-ä ýary görmedim,
ýary görene gurban…”

Nohur oglanjygy aýdym aýdýar. Ol bir mahal ýaryna duşup bilmän geçen ýangynlynyň ýüreginden çykan sözleri aýdýar.

Ýol üstünde goşa çynar,
Dök ýapragňy, düşe çynar,
Ylahym müň ýaşa, çynar,
Saýaňa gyzlar geleýdi…

Bu aýdyma batly sesi bilen Nury Nurýagdyýew gygyrýar. Bu mahal ol türkmen eposynyň sözlerini sanaýandyryn öýdenok. Nohur bagşysy bu mahal öz obadaşlaryny toýa çagyrýar. Nohur gelin-gyzlaryny wasp edýär.
Bu günki dek ajap toý Nohurda hiç bolmandy. Bu günki dek köp adam, bu günki dek myhmanlar öňde-soňda, hiç haçan nohur iline gelmändi. Ýazyjy bar, şahyr bar, alym bar, žurnalist bar… Berdi Kerbabaýew toýy gutlaýar. Köpi gören ýaşuly, dünýä gören ýaşuly uly bagty arzuwlap, köp zatlary ýatlaýar.

Obaňyzda toý üstüne toý bolsun,
Öweç, çebiş mydam soýha-soý bolsun…

– diýip, Anna Kowusow goşgy okaýar. Raýondan, merkezden köp komsomol işgäri, raýkom, raýispolkom işgärleriniň deň ýary Nohur toýuna gelipdir, maşynlaň yzy üzlenok, henizlerem gelip dur…
Şatlyk-şagalaň, dabara. Mekdepde toý, kolhozda toý. Annäsehetleň öýünde toý. Söwüş diýip, soýulýan bag çebişler lägirýär. Dumly-duşda kebap bişýär, etli palaw bugarýar. Bäherdeniň ýaşlary aýdym aýdýar, tans edýär. göçme raýon ZAGS-y düýn gelipdir bu ýere, ZAGS býuroň müdiri Ejebaý Kakalyýewa nika gyýýar bulara. Şahadatnama gowşuryp, şeýle diýýär olara: “bagtly boluň, bagtyýar boluň. Iň esasy zat wepaly boluň!”

Köne dünýä garalypdyr kömürden,
Nesibäňi gözle täze ömürden.

Bu Mollamurt şahyryň belli setirleri. Muny toýda komsomolyň Bäherden raýon komitetiniň birinji sekretary Orazmämmet Agaýew gaýtalady. Iňňän ýerlikli, gerek ýerinde gaýtalady. “Nesibäňi gözle, täze ömürden”.
Sakgaly gar ýaly agaran Habybulla aga toýda beýemçilik edip otyr. Ýanynda özi ýaly peşeneli ýaşuly rahmet aga-da otyr. Olaryň “garalan köne dünýäde” jahyllygy geçipdir. Şu günki günüň ýaşlarynyň, komsomollaryň, bagtly nesilleriň toýlaryna guwanýar. Öz haýp öten ömürlerine gynanýar. Öz gamly geçen ýaşlyklaryny ýatlaýar. Gojalar düşünýär, garrylar düşünýär – hemme düşünýär, hemme oňlaýar.
Eýsem, oňlamaýan barmy bu toýy? Bar, dogrusyny aýdaly-biz olary görmedik. Görmesek-de eşitdik. Biri Oguljereniň kakasy Ata Nuryýew, beýlekisi bolsa Hally Nuryýew.
Bular öýkelimiş Annasähetden, bular öýkelimiş Oguljerenden. Bular öýkelimiş ilen-çalandan… Äht edenmiş “Toýa barmarys” diýşip, “Ikisiniňem ýüzün görmeris” diýşip.
“Barmarys”, “görmerisden” gep bolarmy, Nury aga? Çagaňy terk etmekden adat bormy, Ata aga? Olar siziň balaňyz. Atam diýip ýüzlenýär, märekäniň içinden olar sizi gözleýär.

Atalar, atalar, oýlanyň, atalar. Wagt geçer, düzediler hatalar. Öýke-kine ýaraşmaz biziň ajap zamana.
“Öýkesiz toý bolmaz” diýmäň, köp gördük öýkesiz toýy. Ýöne bize “myş” aýtdylar, belki şol belanyň öýi.
Gara gözelek, buýra saç nohur ýiýitleriniň içinden Oguljeren halanmyş Annasähedi. Özüni söýdüren, goşun gullugyndan dolanyp gelen matros Annasähedem haýal etmän bellänmişin sähedi. Emma…
Emma oň Jereni bagly ekeni. Doganoglany Amana eýýämhaçandan bäri ol adagly ekeni. Oguljerene ýar boljagyň diňe 15 ýaşy bar. Görüň, adat nädipdir, görüň, gabahat işi. “Nikalymyş Jeren gyz, adaglymyş Amana. Hiý, şeýle elhenç adat gelşermi zamana!”
Nätmeli?!
Näme etmeli?!
Oguljeren oýlanýar, Annasähet oýlanýar. Bizde söýä zowal ýok, bular muny bilip dur. çüýrük nohur adaty söýgä duşak bolup dur. Nohur gyzy okaman durmuş gurmalymyşyn. Nohur gyzy söýüşmän äre barmalymyşyn…
Ýaşlar gaýrata galdy. Komsomollar goldady. Il-gün kömege geldi. Oguljeren bilen Annasähet Nohurda ilki bolup kök uran köne adatyň düýbüne palta saldy. Bulaň bu turan işini Garawul, garry Nohur, bäherden, bamy, Arçman, aşgabatly oňlady. Ýek-ýarym akly gysga, beýnisi ýuka, çüýrük pikir adamlar – diňe şolar geňledi.
Wagt geçer, olar-da öýkesinden ýazylar. Toý üstüne toý bolar, bütin Nohur bezeler. Komsomollar birleşip, özi eder toýuny. Şeýdip elhenç adatyň ýykar barar öýüni.
Hä diýmän ýigit çykar, öz saýlan gyzyn alar, Amanjyk-da öýlener. Doganoglanynyň toýna Oguljeren şatlanar. “Komsomol toý” diýen ses oba-oba aýlanar. Şonda ýene gülerler, köne adatyň üstünden…



*Bäherdeniñ çeper höwesjeñleri toý toýlaýar*
Näme gördüň Nohurda?
Toýda seçilen pişmlere, kümüş suwly çeşmeler, heý-de ýatdan çykarmy?
Baýry ýaşyl ýapyly, dört pasyly sapaly, söýgülisine wepaly gyzy ýatdan çykarmy?
Oýun edibem diýme, dost “Ne işiň bar Nohurda”.
Şeýle gyzykly toýlar ýene bolar Nohurda.

Anna PAÝTYKOW.

“Edebiýat we sungat” gazeti, 25.06.1966 ý. Edebi makalalar